# Ýap-ýaňydy…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýap-ýaňydy… ÝAP-ÝAŇYDY…

Ýap-ýaňydy mahmal howaňdan sorup,
«Salam, Baky, salam!» diýip duranym.
Ýap-ýaňydy köçelerňe ser salyp,
Meň ilkinji gezek gadam uranym.
«Salam, Baku, salam!» diýip duranym.

Eýýäm myhmanlygym çykypdyr ýatdan,
Seniň bilen kemsiz öwrenşipdirin.
Ýakynlyk syzýaryn her duşan zatdan,
Öňden tanyş ýaly her baran ýerim,
Seniň bilen kemsiz öwrenşipdirin.

Bu gün seň göwsüňde toýdur-şagalaň,
Şahyrlarna alkyş aýdýar halaýyk.
Okalan, okalýan täsin şygyrlaň,
Pel-pelläp asmanda gaýyp ýör, gaýyp.
Şahyrlarna alkyş aýdýar halaýyk.

Guwanyp toýuňa hem-de kesbiňe
Aýaklarym degmese-de ýere meň.
Bir seredýän seň ajaýyp keşbiňe,
Bir-de uçup ýören goşgulara men.
Aýaklarym degmese-de ýere meň.

Sizi bir-birekden seljermek çetin,
Ýa sen şygra meňzeş, ýa şygyr saňa.
Aýdym bilen beslenipsiň büs-bütin,
Heý-de bir buýsanman bolarmy muňa.
Ýa sen şygra meňzeş, ýa şygyr saňa.

Şol meňzeşlik bilen galýaň serimde,
Belki, şoň üçinem ezizsiň, eziz.

Çünki, şygryñ şalyk sürýän ýerinde
Men özümi myhman duýamok heniz.
Belki, şoñ üçinem ezizsiñ, eziz.

Dostluk sözün eşidýän her duş gelenden
Köne dost dek mährem her bir görenim.
Ýogsam ýap-ýañydy señ köçeleñden
Meñ ilkinji gezek gadam uranym,
«Salam, Baku, salam!» diýip duranym.

Italmaz NURYÝEW. Goşgular